Allatagalanyň sopuçylykda giň ýaýran atlarynyň biri-de Huw ýa-da Hüwdür. Ýa huw zikirde ýa Alla, ýa Hak diýlip gaýtalanýar. Zikire mahsus bolan bu däbiň alamatlaryny türkmenleriň hüwdüsinde görmek bolýar. Alla, Alla-Alla, Alla (**H**)-Alla(**H**) bilen birlikde, Huw, Huwwa, Huwwa-Huwwa, huwwalamak, hüwdülemek kimin adalga öwrülen sözler aýal-gyzlaryň arasynda giň ýaýrady. Çaga ýatyrylandan soň wagtynda uklamasa, hüwdüleýän aýal-gyzlaryň “Alla bol” ýa-da “Huwwa-bol” diýýän pursatlary köp bolýar.

Çaganyň rahat ýatmagy, sagdyn ösmegi we terbiýe almagy üçin aýdylýan aýdymlarda (Hüwdüde) Allatagalanyň atlarynyň gaýtalanyp gelmeginiň çuň manysy bar we öz köklerini gadymy zikirden alyp gaýdýar. Şonuň üçinem Allanyň adynyň (Huw ýa-da Hüw) bu aýdymlaryň(Hüwdiniň) umumy adyndaornaşmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr. Gadymky Huw-Hüw diýlen aňlatma soňra türkmen halk döredijiliginde hüwdi görnüşinde aýratyn bir žanryň ady bolup galdy. Şeýlelikde, zikiriň adalgasy bolan hüwdi (Hüw diý) ýuwaş-ýuwaşdan täze görnüşe, mazmuna eýe bolýar.

Çagalary ýatyrmak ýa-da güýmemek üçin olary söýüp, sallançak ýanynda aýdylýan bentlere hüwdi diýilýär. Hüwdüler köplenç garry eneler, mamalar, çaganyň ejesi, gyz doganlary tarapyndan döredilýär hem-de ýerine ýetirilýär.Hüwdiaýal-gyzlar tarapyndan pessaý heňde owaz bilen ýerine ýetirilýän aýdymjykdyr,ýaş çagany hüwdi bilen allalap ýatyrmakdyr, hüwdi bilen güýmemekdir. Hüwdüde perzende bolan söýgi ýaňlanýar.Olar ene mährinden döreýär we özbaşadk ýerine ýetirilýär.

Hüwdüler görnüşi taýyndan lälelere kybapdaş bolsalar-da, ýerine ýetiriliş we heňi taýyndan tapawutlanýar. Halk döredijiliginiň beýleki žanrlaryýaly, hüwdüleriň hem temalarytaryhy şertler esasynda üýtgäp, özgerip durýar.

Hüwdüler sada mazmunda, ýönekeý dilde döredilip, her bir bendi gutarnykly many aňladýar.Ene hüwdüsinde sena häsiýeti bar. Eneler
perzentleriniň batyr, adamkärçilikli, çeper, bagtly bolmagyny arzuwlap, sena häsiýetli hüwdüleri aýdýarlar.

**Suwhan JUMADURDYÝEW,**
**Türkmen döwlet binägärlik-gurluşyk institutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024